# Asman şygyr ýazýar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Asman şygyr ýazýar ASMAN ŞYGYR ÝAZÝAR

Gije.
Ukusyndan oýanýar tokaý,
Gaýalar az salym tümlükden çykýar.
Durşuna yşyga bezenýär tokaý,
Daglañ depesinde
Ýyldyrym çakýar.

Asmanyñ hem ýeriñ
Buýsanýan görüñ,
Sil gelip, derýa dek lummurdap akýar.
Boşaýar birahat ýüregi gögüñ,
Daglañ depesinde
Ýyldyrym çakýar.

Begenýän
Hem durun müñ hasrat bile,
Uçgunsyz setirlem kalbymy ýakýar.
Seret, asman şygyr ýazýar ot bile:
Daglañ depesinde
Ýyldyrym çakýar.

Nabi HAZRY,
azerbaýjan şahyry.

Terjime eden: Italmaz NURYÝEW. Goşgular